**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.**


# Biznes reklama

Hepdelik gazet | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Möçberi 16 sahypa ★ ★ ★ ★ ★ Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi | 17.10.2022 | Duşenbe | №42 (1245)





## Hormatly Prezidentimiz GDA döwletleriniň we «Merkezi Aziýa — Russiýa» sammitlerine gatnaşdy

14-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine hem-de «Merkezi Aziýa — Russiýa» sammitine gatnaşmak üçin, şeýle-de doganlyk ýurda döwlet saparyny amala aşyrmak maksady bilen, Gazagystan Respublikasyna ugrady.

Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar ugratdylar.

Hormatly Prezidentimiziň uçary Astana çenli uçuşy amala aşyryp, Gazagystan Respublikasynyň paýtagtynyň Nursultan Nazarbaýew adyndaky Halkara howa menziline gondy. Şol ýerde iki ýurduň Döwlet baýdaklary galdyryldy.

Hormatly Prezidentimizi Gazagystan Respublikasynyň premýer-ministri A.Smailow, Astana şäheriniň häkimi A.Kulginow we beýleki resmi adamlar, şeýle-de ýurdumyzyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary mähirli garşyladylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň awtoulag kerweni GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň geçirilýän ýerine — Kongres merkezine bardy.

Gazagystan Respublikasynyň Baştutanynyň başlyklygynda geçirilen ýokary derejedäki duşuşyga Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew, Ermenistan Respublikasynyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan, Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy — Ýerine ýetiriji sekretary Sergeý Lebedew hem gatnaşdylar.

Sammitiň resmi banneriniň, Arkalaşyga agza ýurtlaryň Döwlet baýdaklarynyň hem-de GDA-nyň baýdagynyň öňünde bilelikde surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, foruma gatnaşyjylar tarapyndan «Almaty» zalynda dar düzümdäki duşuşyk geçirildi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisini açyk diýip yglan edip, ýygnananlary mübärekledi we şu duşuşyga Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň ilkinji gezek gatnaşýandygyny belledi. Gazagystanyň Lideri Arkalaşygyň ýurtlarynyň Liderleriniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan döwlet Baştutanymyza doganlyk türkmen halkynyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan jogapkärli döwlet işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz özüniň çykyşynda, ilkinji nobatda, GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň şu mejlisiniň guramaçylaryna şeýle möhüm we wekilçilikli duşuşyga gatnaşmaga çakylygy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çäklerinde özara gatnaşyklar, obýektiw umumydünýä ýagdaýlaryna we çylşyrymlylyklara garamazdan, meniň pikirimçe, durnuklylygyny hem-de ösüşini saklap galýar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Biziň özara gatnaşyklarymyzyň şeýle häsiýeti olary mundan beýläk-de ösdürmegiň zerurlygyna we geljegine umumy düşünmegimiz, oňyn, ylalaşykly jogaby talap edýän dünýä hem-de sebit gün tertibiniň täze ýagdaýlaryna oňat düşünmek bilen şertlendirilendir diýip hasaplaýaryn. GDA-nyň çäklerindäki gatnaşyklaryň bize hyzmatdaşlygyň anyk we ileri tutulýan ugurlaryny kesgitläp, onuň güýçli taraplaryndan: hyzmatdaşlygyň tejribesinden, deňhukukly häsiýetinden, ýolbaşçylaryň jogapkärçiliginden, umumy taryhy tejribeden, çuňňur ynsanperwer gatnaşyklardan peýdalanmaga mümkinçilik berýändigine ynanýaryn diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Mälim bolşy ýaly, 2019-njy ýylyň oktýabrynda Aşgabatda geçirilen Arkalaşygyň döwletleriniň Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça işlenip taýýarlanylan GDA agza döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda Jarnama gol çekildi. Bu resminama biraz soň kabul edilen 2030-njy ýyla çenli ykdysady ösüşiň Strategiýasynyň esasyny düzüp, biziň hyzmatdaşlygymyza we işewür gatnaşyklarymyza täze itergi berdi.

Ulag, ýangyç-energetika toplumy, aragatnaşyk, kommunikasiýalar, senagat taýdan ýakynlaşmak, söwda, innowasiýalar, tehnologiýalar ýaly ulgamlaryň strategiýanyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryna girendigini kanagatlanma bilen belleýäris diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we GDA-nyň şu günki kuwwatynyň geljegi uly bolan bu pudaklarynda möhüm ähmiýetli taslamalaryň durmuşa geçiriljekdigine, biziň ýurtlarymyzyň çäkleriniň bolsa yklymda Ýewropany we Aziýany birleşdirýän ykdysady hyzmatdaşlygyň esasy ýollaryna öwrüljekdigine ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, GDA-nyň ykdysady ugurlaryny we bähbitlerini Arkalaşygyň çäginden daşarda ilerletmegiň, biziň taslamalarymyza, ilkinji nobatda, üstaşyr ulag düzümini döretmäge, energiýa serişdeleriniň iberilmegini giňeltmäge, täze kommunikasiýalary çekmäge degişli taslamalara goňşy sebitleriň goşulmagyny üpjün etmegiň wajypdygy nygtaldy.

Pandemiýa döwrüniň kynçylyklaryna garamazdan, biz medeniýet, ylym, bilim ulgamlarynda gatnaşyklary dowam etdirdik diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow kanagatlanma bilen belledi. Ynsanperwer hyzmatdaşlyk, ozalkysy ýaly, GDA-ny jebisleşdiriji şert bolmagynda galýar, ol döwletara gatnaşyklary pugtalandyrýar. Şunuň bilen baglylykda, sport hyzmatdaşlygy möhüm ugurlaryň biridir. Türkmenistan iri halkara sport çärelerini guramak bilen, bu ugra uly üns berýär. Häzir GDA-da sport hyzmatdaşlygyna, hakykatdan-da, giň we yzygiderli häsiýet bermegiň wagty ýetdi diýip hasaplaýarys diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we GDA-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça geňeşiniň howandarlygynda halkara sport oýunlaryny geçirmek boýunça Utgaşdyryjy komiteti döretmek baradaky teklibi öňe sürdi.

Has takygy, diňe bir GDA-dan däl, eýsem, gyzyklanma bildiren beýleki ýurtlaryň türgenleri üçin açyk bolan, yzygiderli esasdaky «Dostluk oýunlaryny» guramak boýunça işe başlamagy teklip edýäris. «Dostluk oýunlary» möwsümleýin, ýagny tomusky we gyşky oýunlar bolup, ýaşlaryň, ýetginjekleriň arasynda sportuň aýry-aýry görnüşleri boýunça geçirilip bilner.

Döwlet Baştutanymyz sözüniň ahyrynda ýurdumyzyň GDA-nyň çäklerinde mundan beýläk-de ýakyndan hyzmatdaşlyga pugta ygrarlydygyny tassyklady, bilelikdäki hyzmatdaşlygyň uly geljeginiň bardygyna ynam bildirdi. Hormatly Prezidentimiz 2022-nji ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda netijeli başlyklyk edendigi üçin Gazagystan Respublikasyna minnetdarlyk bildirdi hem-de şu gezekki mejlisiň üstünlikli geçirilmegine goşan goşandy, işi netijeli utgaşdyrandygy üçin GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy — Ýerine ýetiriji sekretary Sergeý Lebedewe minnetdarlyk sözlerini aýtdy.


(Dowamy 2-nji sahypada).



Şu sanymyzda

4-nji sahypada: Şu günleriň gürrüňi — Beýik eserleriň täze dowamy

5-nji sahypada: Nebit önümleri — Dünýäniň nebit bazary

13-nji sahypada: Üstünligiň taglymaty — «Ferrarisini» satan keşiş

15-nji sahypada: Dünýä täzelikleri — Halkara söwda merkezi gurlar




4 833005 330010

## Halkyň Arkadagly zamanasy




# Hormatly Prezidentimiz GDA döwletleriniň we «Merkezi Aziýa — Russiýa» sammitlerine gatnaşdy

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Mejlisiň barşynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşýan ýurtlaryň Liderleri köptaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek, ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen bagly möhüm meseleler boýunça pikir alyşdylar.

Sammite gatnaşyjylar tarapyndan kabul edilen çözgüde laýyklykda, öňümizdäki ýylda GDA-da Gyrgyz Respublikasy başlyklyk eder.

Soňra Kongres merkeziniň «Astana» zalynda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi giňişleýin düzümde dowam etdi. Onuň barşynda geljekki bilelikdäki hyzmatdaşlygyň derwaýys meseleleri boýunça pikir alşyldy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi.

Ynsanperwer meseleleriň çäklerinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda mowzuklaýyn ýyllary yglan etmek baradaky çözgütlere, şeýle-de Russiýa Federasiýasynda 2024-nji ýylda «Arkalaşygyň medeni paýtagtlary» atly döwletara maksatnamany durmuşa geçirmek baradaky meselä garaldy.

Günüň ikinji ýarymynda Kongres merkeziniň maslahatlar otagynda «Merkezi Aziýa — Russiýa» sammiti geçirildi.

Türkmenistanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň döwlet Baştutanlarynyň duşuşygyň esasynyň Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen, şu ýylyň maý aýynda Aşgabatda geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň birinji Parlamentara forumynda goýlandygyny bellemek möhümdir.

Duşuşygyň öňüsyrasynda dostlukly ýurtlaryň altysynyň Liderleriniň resmi surata düşmek dabarasy boldy.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew sammiti açyp, belent mertebeli myhmanlara söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyşynda, ilki bilen, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe myhmansöýerlik we netijeli işlemäge döredilen ajaýyp şertler üçin minnetdarlyk bildirdi.

Altytaraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäklerinde ykdysadyýet ileri tutulýan möhüm ugur bolup durýar. Biz bu babatda uly mümkinçilikleri görýäris. Munuň özi, ilkinji nobatda, energetika, senagat kooperasiýasy, dokma önümçiligi, obasenagat toplumy, logistika, täze tehnologiýalar, sebit söwdasy ýaly ugurlar bilen baglanyşyklydyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Şeýle-de ýurtlarymyzyň işewürlerini has ysnyşykly hyzmatdaşlyga höweslendirmegiň zerurdygy, hemişelik hereket edýän «Merkezi Aziýa — Russiýa» işewürler düzüminiň döredilmeginiň başyny başlamak mümkinçiligi bu ulgamlarda esasy teklipleriň hatarynda görkezildi. Onuň barşynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň dürli meselelerine garalyp bilnerdi.

Ýurtlarymyzyň çäklerinde ulag gatnawlarynyň we üstaşyr geçirmegiň köp şahaly düzümini gurmak arkaly döwrebap, üstaşyr ulag, kommunikasiýa ulgamlaryny döretmek aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şol ulgamlar dünýä ummanyna çykmak arkaly kontinental Ýewraziýanyň giňişligini öz içine alar diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow belledi.

Türkmenistan Ýewraziýa giňişliginde ulag gatnawlaryny kadalaşdyrmak babatda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýanyň öňünde açylýan mümkinçiliklerden has doly peýdalanmaga tagallalary gönükdirmegi zerur hasaplaýar. Şunuň bilen baglylykda, Russiýadan Merkezi Aziýanyň üsti bilen Hindi ummanyndaky deňiz menzillerine çenli Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesiniň işini işjeňleşdirmek meselesine garamak zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi we Türkmenistanyň öz çäginden Pars aýlagyna, Eýranyň portlaryna, şol ýerden Hindistana gysga ýoly üpjün edýän ýurt hökmünde bu taslamany durmuşa geçirmäge girişmäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk barada aýdyp, Türkmenistanyň ýurtlarymyzyň arasyndaky medeni, ynsanperwer, ylym, bilim, sport, syýahatçylyk ugurly gatnaşyklary ösdürmek we çuňlaşdyrmak ugrunda çykyş edýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, geljek ýylda Merkezi Aziýanyň hem-de Russiýanyň halklarynyň medeniýet we sungat festiwalyny guramak barada oýlanmak teklip edildi.

Duşuşygyň barşynda Russiýa Federasiýasynyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Şunuň bilen birlikde, ozal gazanylan döwletara ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine seljerme hem-de syn berildi, geljekki bilelikdäki işleriň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi.

Ykdysady ulgamdaky gatnaşyklary ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde bu ugurda hyzmatdaşlygyň täze nusgasyny işläp taýýarlamagyň, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň, energetikada, senagatda, ulag-logistika ulgamynda, obasenagat toplumynda we beýleki ugurlarda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmagyň zerurdygy bellenildi. Köpasyrlyk dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny, strategik hyzmatdaşlygy saklamak we hemmetaraplaýyn pugtalandyrmak üçin bilelikdäki tagallalaryň wajypdygy aýdyldy.

Duşuşyga gatnaşyjylaryň pikirine görä, hyzmatdaşlygyň täze görnüşi Merkezi Aziýada gatnaşyklara itergi berer, gazanylan ylalaşyklar bolsa sebit döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň binýadyny berkider.

Sammitiň jemleri boýunça döwlet Baştutanlarynyň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi. Ol Ýewraziýa giňişliginde sebit hyzmatdaşlygynyň möhüm meselelerini öz içine aldy. Bu möhüm resminamada syýasat, howpsuzlyk, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda mundan beýläkki gatnaşyklaryň geljegi hem beýan edildi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda gysgaldylyp alyndy).

Ýanwar — sentýabr aýlarynda Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan 224 sany birža söwdasy geçirilip, 27 müň 565 şertnama hasaba alyndy.

Dokma senagaty ministrligi boýunça nah ýüplügiň we mataларyň öndürilişiniň ösüş depgini degişlilikde, 127,8 hem-de 131 göterime deň boldy.

## Halkyň Arkadagly zamanasy

# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi

10-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onuň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibiniň meselelerine geçip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berdi. Ol şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda milli ykdysadyýetimiziň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Soňra Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy D.Amanmuhammedow 2022-nji ýylyň dokuz aýynda ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Merkezi bankyň başlygy T.Mälikow şu ýylyň üç çärýeginde ýurdumyzyň bank ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga, nyrhlaryň durnuklylygyny üpjün etmäge, halk hojalygy toplumynyň pudaklarynyň karz serişdelerine bolan isleglerini kanagatlandyrmaga we bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow ýurdumyzyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyny ýerine ýetirmek boýunça geçen dokuz aýda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Nebiti we gaz kondensatyny çykarmak boýunça gazanylan ykdysady-tehniki görkezijiler barada hasabat berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gözegçilik edýän gurluşyk-senagat hem-de energetika toplumynda, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň, Aşgabat şäheriniň häkimliginiň şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän söwda we dokma pudaklarynda, telekeçilik ulgamynda şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi. Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 105,7 göterime, önüm öndürmegiň ösüş depgini 107,7 göterime barabar boldy.

Dokma senagaty ministrligi boýunça nah ýüplügiň we matalaryň öndürilişiniň ösüş depgini degişlilikde, 127,8 hem-de 131 göterime, tikin we trikotaž önümleriniň ösüş depgini 112,8 göterime, gön önümleriniň öndürilişiniň ösüş depgini bolsa 109,2 göterime deň boldy. «Türkmenhaly» döwlet birleşigi boýunça önüm öndürmegiň meýilnamasy 117,5 göterim ýerine ýetirildi.

Ýanwar — sentýabr aýlarynda Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan 224 sany birža söwdasy geçirilip, 27 müň 565 şertnama hasaba alyndy. Söwda-senagat edarasy tarapyndan ýerine ýetirilen işler boýunça 113,8 göterim ösüş depgini gazanyldy. Hasabat döwründe 13 sergi we 41 maslahat geçirildi. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça dokuz aýda oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 169,5 göterime, senagat önümleriniň ösüş depgini bolsa 109,2 göterime deň boldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wise-premýere ýüzlenip, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlary öndürmek boýunça maksatnamanyň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegiň zerurdygyny, bu maksatnamanyň durmuşa geçirilişi barada her aýda hasabat berip durmalydygyny aýtdy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi senagat we azyk harytlarynyň, oba hojalyk önümleriniň eksportyny has-da giňeltmek boýunça zerur işleri geçirmeli diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady hem-de daşary ýurtlardan getirilýän oba hojalyk harytlarynyňdyr miweleriň ornuny tutýan ýerli önümleri öndürmäge aýratyn üns bermek, bu ugurda netijeli işleri alyp barmak barada görkezme berdi.

Taýýar dokma önümleriniň eksportyny artdyrmak, daşary ýurt bazarlarynda türkmen nyşanlary bolan dokma önümlerini giňden ýaýratmagy üpjün etmek hem ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda görkezildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynyň şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi. Hasabat döwründe ýylyň «Halkyň Arkadagly zamanasy» şygaryny dabaralandyrmak maksady bilen, şeýle-de milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar, şol sanda medeni-durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli, dürli medeni çäreler, dabaraly maslahatlar, söhbetdeşlikler, mediaforumlar, döredijilik duşuşyklary, sergiler geçirildi. Wagyz-nesihat işleri dowam etdirildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Soňra Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimlerine söz berildi. Olar şu ýylyň dokuz aýynda degişli düzümleriň alyp baran işleriniň netijeleri, maksatnamalaryň ýzygiderli durmuşa geçirilişi barada hasabat berdiler. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A.Ýazmyradow gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri hem-de oba hojalygynda özgertmeleriň alnyp barlyşy, ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň geçirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlarda bugdaý ekişiniň depginlerini güýçlendirip, ýokary hasyl almak üçin zerur işleri geçirmelidigi barada aýtdy hem-de wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri baradaky hasabaty bilen çykyş etdi. Hasabat döwründe «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmek maksady bilen, degişli işler alnyp baryldy.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew täze taryhy döwrüň wezipelerini nazarda tutup, milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça ýylyň başyndan bäri geçirilen işler barada maglumat berdi. Halk Maslahatynyň birinji çagyrylyşynyň 3 mejlisi geçirilip, olarda dürli pudaklaryň ösüşine degişli birnäçe kanunçylyk namalary makullanyldy. Bu ugurdaky işler dowam etdirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini üpjün etmek babatda işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy welaýatlar boýunça iş saparlaryny amala aşyryp, adamlaryň durmuş we zähmet şertleri bilen gyzyklandy, sebitleri ösdürmek, ýerlerde işleriňdir hyzmatlaryň hilini hem-de netijeliligini gowulandyrmak boýunça gymmatly maslahatlaryny we tekliplerini berdi, kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça täze wezipeleri kesgitledi.

Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa şu ýylyň dokuz aýynda alnyp baran kanun çykaryjylyk işleri barada maglumat berdi. Mejlis tarapyndan durmuş-ykdysady özgertmeleriň hem-de türkmenistanlylaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmak boýunça işleriň hukuk esaslaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen degişli işler geçirildi. Bu döwürde Mejlisiň maslahatlarynyň 3-si geçirilip, şolaryň barşynda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 38-si we Mejlisiň kararlarynyň 21-si kabul edildi.

Döwlet Baştutanymyz öňde duran wezipelere ünsi çekip, şu ýyly gowy netijeler bilen tamamlamak üçin hemmeleriň yhlas bilen işlemelidigini, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda oňyn netijeleri gazanmak we jemi içerki önümiň ösüş depginini durnukly saklamak babatda çäreleri görmegiň zerurdygyny nygtady. Şeýle-de ilkinji nobatda, geljek ýylyň Döwlet býujeti boýunça ýene-de maslahat geçirmek we onuň ähli maddalaryna garamak barada görkezme berdi.

Mejlisiň barşynda döwlet durmuşynyň beýleki möhüm meselelerine-de garaldy, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşyjylara berkarar Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda gysgaldylyp alyndy).



# Söwda toplumynda 9 aýyň jemlerine bagyşlanan maslahat geçirildi

**Hormatly Prezidentimiziň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça 11-nji oktýabrda Söwda toplumynyň mejlisler zalynda maslahat geçirildi.**

Türkmenistanyň Söwda toplumynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýewiň gatnaşmagynda maslahat geçirildi. Maslahatda hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimiziň pudaklarynda şu ýylyň dokuz aýynyň dowamynda, ýerine ýetirilen işleriň jemlerine bagyşlap 10-njy oktýabrda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek, söwda we telekeçilik ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylmaly işler, öňde duran wezipeler barada gürrüň edildi. Maslahatyň dowamynda Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Dokma senagaty ministrliginiň, «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň, Söwda-senagat edarasynyň hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýolbaşçylarynyň hasabatlary diňlenildi.

Maslahatda Söwda toplumynyň işlerini talabalaýyk alyp barmak, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň işini kämilleşdirmek, ýurdumyzyň telekeçileriniň dürli ugurlarda alyp barýan işleri, birža söwdalaryny has-da kämilleşdirmek, daşary ýurtlara eksport edilýän dokma hem-de haly önümleriniň möçberlerini artdyrmak bilen bagly meselelere seredildi. Şeýle hem, ulgamda bar bolan mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini artdyrmagyň wajypdygy nygtaldy.

Hasabata laýyklykda, şu ýylyň dokuz aýynda Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 105,7 göterime, önüm öndürmegiň ösüş depgini 107,7 göterime barabar boldy.

Dokma senagaty ministrligi boýunça nah ýüplügiň we matalaryň öndürilişiniň ösüş depgini degişlilikde, 127,8 hem-de 131 göterime, tikin we trikotaž önümleriniň ösüş depgini 112,8 göterime, gön önümleriniň öndürilişiniň ösüş depgini bolsa 109,2 göterime deň boldy.

«Türkmenhaly» döwlet birleşigi boýunça önüm öndürmegiň meýilnamasy 117,5 göterim ýerine ýetirildi.

Ýanwar — sentýabr aýlarynda Döwlet haryt-çig mal biržasynda 224 sany birža söwdasy geçirilip, 27 müň 565 şertnama hasaba alyndy.

Söwda-senagat edarasy tarapyndan ýerine ýetirilen işler boýunça 113,8 göterim ösüş depgini gazanyldy. Hasabat döwründe 13 sergi we 41 maslahat geçirildi.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça dokuz aýda oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 169,5 göterime, senagat önümleriniň ösüş depgini bolsa 109,2 göterime deň boldy.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň has-da gülläp ösmegi ugrunda uly tagallalar edýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, ýurt ähmiýetli işleriniň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

**Jahantäç ÖWEZOWA,**
TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby, «Biznes reklama».

Şu ýylyň dokuz aýynda Söwda-senagat edarasy tarapyndan ýerine ýetirilen işler boýunça 113,8 göterim ösüş depgini gazanyldy.

«Türkmenhaly» döwlet birleşigi boýunça önüm öndürmegiň meýilnamasy 117,5 göterim ýerine ýetirildi.

TÄZE KITAPLAR

# Beýik eserleriň täze dowamy




Ýaňy-ýakynda dünýäniň köp halklarynyň diline terjime edilen, Diýarymyzyň ösümlik dünýäsiniň hakyky ensiklopediýasyna öwrülen «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabyň XIV jildi çapdan çykdy.

Ýurdumyzyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ensiklopedik kitaby saglygy goraýyş we derman senagatynyň işgärleri, ylym bilen meşgullanýan bilermenler, şeýle-de, giň okyjylar köpçüligi, mähriban halkymyz tarapyndan gyzgyn garşylandy.

Kitapda ýerli dermanlyk ösümlikleriň aýratynlyklary, dermanlyk häsiýeti, olaryň ylymda we halk lukmançylygynda ulanylyşy, halk lukmançylygynyň tejribeleri, tebigy ösümlikleri giňden ulanmagyň serişdeleri, usullary dogrusynda ylmy dilde gürrüň berilýär.

Tebigy ösümlikler asyrlaryň dowamynda dürli keselleri bejermekde möhüm serişde bolupdyr. Gahryman Arkadagymyz bu ajaýyp kitabynda şol ösümlikler bilen okyjylary ylmy nukdaýnazardan tanyşdyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ösümlikler we olaryň bejeriş aýratynlyklary hakynda ylmy maglumatlary özünde jemleýän ajaýyp kitabynyň täze neşiri — XIV jildi çuňňur öwrenilmäge we wagyz edilmäge mynasyp ylmy ensiklopedik eserdir.

Halkymyza şeýle ajaýyp ylmy, çeper kitaplary peşgeş berýän Gahryman Arkadagymyzyň döwet galamynyň ýiti bolmagyny, ýene-de täze-täze nusgawy eserler bilen halkymyzy begendirip durmagyny çyn ýürekden arzuw edýäris.

«Biznes reklama».

# Elektroenergetika bagyşlanan kitap




Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň Garaşsyzlyk baýramynyň öň ýanynda türkmen, iňlis we rus dillerinde çapdan çykan «Türkmenistanyň elektroenergetika kuwwaty» atly täze kitabynyň mazmuny Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň 3-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyplary we mugallymlary bilen geçiren duşuşygynda sözlän sözünden ybarat bolup, giň okyjylar köpçüliginde uly gyzyklanma döretdi. Halk Maslahatynyň Başlygy şol çykyşynda energetika pudagynyň mümkinçilikleri, taryhy, kemala gelşi, ösüşi hem-de geljegi barada giňişleýin maglumat berdi.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary çap usulynda neşir edilen täze kitapda Türkmenistanyň elektroenergetika strategiýasyna, bu ulgamda durmuşa geçirilýän milli maksatnamalaryň hem-de iri taslamalaryň we olaryň ýurduň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna ýetirýän oňyn täsiriniň netijelerine syn-seljerme berilýär. Pudagy döwrebaplaşdyrmak, döwlet syýasatynyň maksatlary hem-de wezipeleri bilen ýakyn baglanyşykda bolan ykdysadyýetiň bu pudagynyň köpugurly, döwrebap düzümini döretmek boýunça geçirilýän yzygiderli çäreler anyk mysallarda beýan edilýär.

Dürli fotosuratlar bilen bezelen neşirde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň energetika pudagynyň ösdürilmegini ýurduň ykdysady strategiýasynyň möhüm ugurlaryň biri hökmünde kesgitländigi nygtalýar. Köp sanly anyk we statistik maglumatlar getirilýär. Pudagyň okgunly ösüşine hem-de düzümleýin özgertmelerine häsiýetnama berilýär.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze kitaby giň okyjylar köpçüligi, şol sanda alym-energetikler, syýasatşynaslar, ykdysatçy alymlar, mugallymlar we talyplar üçin uly gollanmadyr.

**Orazmuhammet GARAGULOW,**
Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.

SERGILER

# Halkara sergi we ylmy maslahaty geçirildi

10-11-nji oktýabrda Söwda-senagat edarasynyň sergiler merkezinde ýurdumyzda giňden bellenilýän Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe gabatlanyp geçirilýän «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergisi we onuň çäklerindäki ylmy maslahaty geçirildi.

Hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda we tabşyrygy boýunça Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde ilatyň saglygyny goramaga, adamlaryň saglygyny dikeltmek bilen, ýurduň baýlygyny artdyrmaga, keselleriň öňüni almagyň, olary anyklamagyň hem-de bejermegiň netijeli usullaryny saglygy goraýyş tejribesine ornaşdyrmaga saldamly goşant goşan saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň tapawutlanan işgärlerine döwlet sylaglaryny gowşurmak, hormatly atlary dakmak dabarasy boldy.

Saglygy goraýyş ulgamynyň gazanan üstünliklerine bagyşlanyp geçirilýän bu foruma gatnaşýan ýurtlaryň sany ýyl geldigiçe artýar. Şu ýyl sergä dünýäniň 30-dan gowrak ýurdundan lukmançylygyň dürli ulgamlaryndaky wekiller gatnaşdylar. Olaryň arasynda derman serişdelerini, lukmançylyk enjamlaryny we sarp ediş serişdelerini, tebigy kosmetiki önümleriň giň görnüşlerini, çaga iýmitini öndürýän daşary ýurt kompaniýalarynyň 150-den gowragy gatnaşdylar.

Däp bolşy ýaly, sergi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň pawilýony bilen açyldy. Onda ýurdumyzyň birnäçe ýokanç keselleri aradan aýyrmakda bitiren hyzmatlarynyň ykrar edilýändigine şaýatlyk edýän halkara güwänamalaryň nusgalary ýerleşdirilipdir.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň diwarlygynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy işleri ýerleşdirilipdir.

Mundan başga-da, sergide Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bölümi ýerleşdirilipdir.

Serginiň çäklerinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitabynyň 14-nji jildiniň tanyşdyrylyşy hem boldy.

«Saglyk — 2022» sergisi önümleri ilerletmek, işewürligi ösdürmek, bazary öwrenmek, ýurdumyzyň dürli sebitlerinden we daşary ýurtlardan hünärmenler bilen duşuşmak üçin uly mümkinçilikleri döretdi. Şonuň üçin hem bu lukmançylyk sergisine ýurdumyzyň hususy kärhanalary — Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary giňden gatnaşdylar. Şeýle-de sergide ýurdumyzyň şypahanalarynyň diwarlyklaryna hem uly orun berildi.

«Türkmendermansenagat» birleşiginiň kärhanalary ýerli ösümlik çig mallary esasynda derman serişdelerini öndürmek ulgamynda ýeten sepgitlerini görkezdiler. Döwlet maksatnamalaryny amala aşyrmagyň çäklerinde soňky ýyllarda ýurdumyzda ýerli çig mallardan bejergi serişdelerini öndürmek boýunça täze kärhanalar açyldy. Şolaryň hatarynda Jebeldäki bejergi palçygyny we dedüz duzuny gaplamak boýunça zawody, Bereketdäki ýod öndürýän kärhanany, Daşoguzdaky zyýansyzlandyrylan sargy serişdelerini öndürýän kärhanany, mineral suw öndürýän «Berzeňňi» kärhanasyny we beýlekileri agzamak bolar.

Şu gezekki sergide Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem öz gazanan üstünliklerini görkezdi. Bu ýerdäki diwarlyklardyr wideoşekiller myhmanlary ýurdumyzda sanly bilimiň yzygiderli ilerledilişi bilen tanyşdyrdylar.

Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň bölümindäki monitorda ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň saglygyny pugtalandyrmak, ildeşlerimizi bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga çekmek, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan köpugurly işler barada gürrüň berýän wideoşekiller görkezildi.



10-njy oktýabrda, günüň ikinji ýarymynda Söwda-senagat edarasynyň maslahatlar zalynda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara ylmy maslahaty geçirildi. Daşary ýurtlaryň ady belli alym-professorlary, ylymlarynyň doktorlary, saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamlarynyň ýokary wezipeli wekilleri, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebit edarasyndan we BMG-niň Çagalar gaznasyndan wekiller Garaşsyz Türkmenistanyň BSGG-niň standartlaryna laýyk gelýän saglygy goraýyş ulgamynda gazanan üstünliklerine, döwlet Baştutanymyzyň öňe sürýän möhüm halkara başlangyçlaryna ýokary baha berdiler.

Halkara ylmy maslahatyň işi 11-nji oktýabrda Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň iri edaralarynda hem-de paýtagtymyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bilimiň, ylmyň, saglygy goraýşyň we sportuň 14 ugry boýunça dowam etdi. Olarda «Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek», «Ýokanç keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek», «Enäniň we çaganyň saglygyny goramak», «Hirurgiýa keselleri», «Jemgyýetçilik saglygy we epidemiologiýa», «Sanly lukmançylyk», «Genom lukmançylygy» atly mowzuklar boýunça pikir alşyldy.

«Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly ýöriteleşdirilen forumyň çäklerinde Garaşsyzlyk seýilgähindäki «Aşgabat» aýdym-saz merkezinde sungat ussatlarynyň konserti boldy.

# «Dizaýn — 2022» atly Aşgabat forumy we «Araçäksiz dizaýn» atly halkara sergi geçirildi

11-12-nji oktýabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Dizaýn — 2022» atly Aşgabat forumy we «Araçäksiz dizaýn» atly halkara sergi geçirildi. Paýtagtymyzyň häkimligi bilen ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň Sekretariatynyň bilelikde guran çäresi Aşgabat şäherini «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizmek boýunça amala aşyrylýan işleriň çäklerinde geçirildi.

Söwda-senagat edarasynyň sergi zalynda Türkmenistanyň ylmy we bilimi ösdürmek, medeniýet hem-de milli mirasy aýawly saklamak ulgamynda ÝUNESKO bilen köpugurly gatnaşyklaryny beýan edýän ekspozisiýalar ýerleşdirildi. Ägirt uly monitorlar, ýşykly bannerler ornaşdyrylan diwarlyklarda häzirki zaman türkmen megapolisiniň durmuşynyň giň ugurlary görkezildi.

Gözden geçirilişe eksponentleriň onlarçasy, şol sanda binagärlik we gurluşyk ulgamynda ýöriteleşdirilen meşhur daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Serginiň çäklerinde Aşgabadyň Modalar öýüniň hem-de ýurdumyzyň dokma toplumlarynyň synag önümhanalarynyň dizaýnerleri tarapyndan işlenip taýýarlanylan täze lybaslaryň toplumy görkezildi.

Daşary ýurtly gatnaşyjylar «Dizaýn — 2022» forumynyň guramaçylyk derejesine ýokary baha berip, berk binýada esaslanýan döwletara gatnaşyklaryň hem-de uly kuwwata eýe bolan ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de okgunly ösdürilip, umumy bähbitlere hyzmat etjekdigini bellediler.

(TDH-niň maglumatlary esasynda gysgaldylyp alyndy).

Binagärlik, mahabat we dizaýn işi bilen meşgullanýan «Özgertme», «Ýurt taslama», «Eşret Mahabat» hususy kärhanalary halkara gözden geçirilişe ilkinji gezek gatnaşdylar.

«Dizaýn — 2022» forumyna Türkiýeden, ABŞ-dan, Gazagystandan, Özbegistandan, Gyrgyzystandan, Azerbaýjandan wekiller gatnaşdylar.

# Dünýäniň nebit bazary

**Gazetiň şu sanynda dünýäniň iň köp nebit öndürijileri, ony eksport etmekde öňdebaryjy döwletler we benziniň iň köp ulanylýan markalary baradaky maglumatlary okyjylara ýetirmegi makul bildik.**



## Nebit öndürmekde dünýäniň öňdebaryjy döwletleri

«British Petroleum» kompaniýasynyň «Statistical Review of World Energy 2022»-iň maglumatlaryna esaslanyp, taýýarlan reýtinginde nebit öndürmekde dünýäniň iň öňdebaryjy döwleti hökmünde ABŞ-nyň ady agzalýar. Bu sanawda GDA-nyň döwletlerinden Russiýa Federasiýasy 2-nji (2021-nji ýylda 536,4 million tonna), Gazagystan 13-nji (2021-nji ýylda 86 million tonna), Azerbaýjan 23-nji (2021-nji ýylda 35,1 million tonna), Türkmenistan 33-nji (2021-nji ýylda 12 million tonna) basgançakda ýer alypdyr.



### Nebit öndürmekdäki dünýä reýtinginiň ilkinji onlugy aşakdaky görnüşe eýe:

**1. ABŞ – 711,1 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 16,8%-i).**
**2. Russiýa Federasiýasy – 536,4 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 12,7%-i).**
**3. Saud Arabystany - 515 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 12,2%-i).**
**4. Kanada – 267,1 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 6,3%-i).**
**5. Yrak – 200,8 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 4,8%-i).**
**6. Hytaý – 198,9 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 4,7%-i).**
**7. Eýran – 167,7 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 4%-i).**
**8. BAE – 164,4 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 3,9%-i).**
**9. Braziliýa – 156,8 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 3,7%-i).**
**10. Kuweýt – 131,1 million tonna (dünýädäki öndürilen nebitiň 3,1%-i).**

Görnüşi ýaly, dünýäde her ýyllyk öndürilýän nebitiň tas dörtden üç bölegi (72,2%-i) ilkinji onlukdaky ýurtlaryň paýyna düşýär.

## Nebiti eksport etmekde öňdäki döwletler

2021-nji ýylda dünýäniň nebit bazary 2020-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 1,9% pese gaçypdyr. OPEK-iň maglumatlary essasynda, dünýäde çig nebiti eksport etmekde Saud Arabystanynyň, Russiýa Federasiýasynyň we Yragyň öňdäki orunlary eýeleýändigini görmek bolýar. Has takygy, bu ugurda birinji ýerdäki Saud Arabystany 2021-nji ýylda çig nebitiň her gün 6,2 million barrelini eskport edipdir, bu görkeziji 2020-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 6,5% azalypdyr. Ikinji orundaky Russiýa Federasiýasy her günde çig nebitiň 4,5 million barrelini eskport edip, bu görkeziji 2020-nji ýyldakydan 2,3% aşaklapdyr. Üçünji ýerdäki Yrak bolsa çig nebitiň günlük 3,4 million barreliniň eksportyny amala aşyrypdyr.






Nebit önümleriniň eskportynda bolsa ABŞ kerwenbaşylygy özünde saklaýar. Birleşen Ştatlar 2021-nji ýylda nebit önümleriniň 5,7 million barrelini eksport edip, bu ugurda 2020-nji ýyldaky görkezijilerini 6,8% ýokarlandyrmagy başarypdyr. Nebit önümleriniň eksportynda ikinji orun ýene-de Russiýa Federasiýasyna degişli bolup, bu döwlet 2021-nji ýylda nebit önümleriniň her günde 2,4 million barrelini eksport edipdir. Üçünji ýerdäki Niderlandlarda bolsa, her günde nebit önümleriniň 2,3 million barreliniň eksporty amala aşyrylyp, ýurt bu babatda 2020-nji ýyldaky görkezijilerini 17,7% ýokarlandyrypdyr.

## Benzin markalary

Bilşimiz ýaly, nebitden öndürilýän önümleriň iň esasylarynyň biri benzin hasaplanylýar. Häzirki wagtda dünýäniň awtoulaglarynyň aglaba bölegi hut şol benzin arkaly hereketlendirilýär. Biziň günlerimizde benzin markalarynyň dürli görnüşleri bolup, olaryň arasynda A-80-den başlap, A-102-ä çenli markalara duş gelmek bolýar. A-80, ýagny dizel ýangyjyny hasaba almanyňda, benzin markalaryny, esasan, üç topara bölýärler: «Adaty», «Premium» we «Super». Biziň bilýän benzin markalarymyzdan A-90-dan A-94-e çenli «Adaty», A-95-den A-98-e çenli «Premium» we A-102 görnüşi «Super» topara degişli edilýär. Bu benzin markalarynyň ýurtlarda ulanylyşy ýerli ilatyň ykdysady mümkinçiliklerine, döwlet tarapyndan ekologiýany goramak bilen bagly alnyp barylýan çärelere we beýlekilere baglylykda tapawutlanýar.




| Ak reňk, trikotaž matadan maýka, ölçegleri: S, M, L, XL, XXL, XXXL (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662427) | sany | 96 000,00 | 9,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |

«LVMH» kompaniýasy 2022-nji ýylyň üçünji çärýeginde girdejisiniň 20% artandygyny habar berenden soň, paýnamalary 1,6% gymmatlady.

«Philips» kompaniýasy 2022-nji ýylyň üçünji çärýeginde söwdalarynyň 5 % pese düşendigini yglan edenden soň, paýnamalary 11,7% arzanlady.

## Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy www.exchange.gov.tm

| Haryt | Ölçeg birligi | Möçberi | Bahasy | Töleg şerti | Iber. şert. | Nokady |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Nah flannel matasy, aşgarlanmadyk inçe, dürli inli ±2,5% sm, Nm34/1 Ring OE x17/1 OE (Ne20/1Ring OE x10/1 OE) 142 gr./in.m. ±5% (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662459) | in.m. | 990 000,00 | 4,06 | öňünden tölemek | EXW | Wekilbazar etraby |
| Nah flannel matasy, aşgarlanmadyk, dykyz, dürli inli ±2,5% sm, Nm34/1 Ring OE x 14/1 OE (Ne20/1Ring OE x 8/1 OE) 167 gr./in.m. ±5% (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662461) | in.m. | 990 000,00 | 4,20 | öňünden tölemek | EXW | Wekilbazar etraby |
| Jinsi jalbary (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 130,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Jinsi şorty (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 80,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Jinsi ýubka (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 80,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Çaga jinsi jalbary (2 – 10 ýaşa çenli) (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 85,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Çaga jinsi jalbary (10 ýaşdan ýokary) (Fashion) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 662766) | sany | 2 000,00 | 90,00 | öňünden tölemek | EXW | Herrikgala ýaşaýyş toplumy |
| Bir adamlyk taýýar düşekçe toplumy: kreton (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 1 000,00 | 155,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Iki adamlyk taýýar düşekçe toplumy:kreton (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 1 000,00 | 196,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Bir adamlyk taýýar düşekçe toplumy: flanel (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 2 000,00 | 144,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Iki adamlyk taýýar düşekçe toplumy: flanel (mümkin bolan gyşarnygy ölçeginiň ±5%) (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 663300) | toplum | 2 000,00 | 181,00 | öňünden tölemek | EXW | Aşgabat ş. |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat dokma sen. önümçilik üçin, Nm 27/1 (Ne 16/1) RK (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 664070) | kg. | 100 000,00 | 43,75 | öňünden tölemek | EXW | Tagtabazar etraby |
| Nah ýüplük, aşgarlanmadyk, kardly, ýekegat dokma sen. önümçilik üçin, Nm 34/1 (Ne 20/1) RK (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 664070) | kg. | 100 000,00 | 45,00 | öňünden tölemek | EXW | Tagtabazar etraby |
| **Içerki / Türkmen manady** | | | | | | |
| Haryt ýöriteleşdirmä laýyklykda («Türkmenhaly» DB) (ýüzt. 641753) | in.m. | 347,73 | 0,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Haryt ýöriteleşdirmä laýyklykda («Türkmenhaly» DB) (ýüzt. 641755) | sany | 59,00 | 0,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Nah ýüplük, Nm 51/1 (Ne 30/1) Ring (Dokma senagaty ministrligi) (ýüzt. 658400) | kg. | 300 000,00 | 17,40 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| **Gurluşyk önümleri / Daşarky / ABŞ-nyň dollary** | | | | | | |
| Portlandsement PS 500-GO-K (guýlan we satyn alyjynyň hasabyna) (Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 658920) | tn. | 10 000,00 | 43,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap wel., Köýtendag etr. Garlyk şäherçesi |
| Portlandsement PS 400-G20-K (guýlan we satyn alyjynyň hasabyna) (Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 664273) | tn. | 20 000,00 | 36,00 | öňünden tölemek | EXW | Lebap wel., Köýtendag etr. Garlyk şäherçesi |
| **Içerki / Türkmen manady** | | | | | | |
| Sozulan armatur A500C- Ø16mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 658823) | tonna | 2 000,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Sozulan armatur A500C- Ø20mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 658823) | tonna | 1 980,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Sozulan armatur A500C- Ø12mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 662851) | tonna | 2 000,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |
| Sozulan armatur A500C- Ø18mm (Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi) (ýüzt. 662851) | tonna | 1 500,00 | 15 000,00 | öňünden tölemek | | alyjynyň öz hasabyna çykarmak şertinde |

**Bellik: TDHÇMB-niň söwdalaryna çykarylan pagta we nebit önümleriniň bahalary halkara nyrhnamalara laýyklykda günde üýtgeýär (pagta boýunça «Cotton Outlook» maglumat agentliginiň, nebit önümleri boýunça «Platts» maglumat agentliginiň we polimer önümleri boýunça «ICIS»maglumat agentliginiň maglumatlaryna laýyklykda).**

**Biziň internet saýtymyz: www.exchange.gov.tm** **Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz : 44-61-16, 44-62-75**

«Paychex» 2022-nji ýylyň üçünji çärýeginde ABŞ-nyň 280 million dollary möçberinde girdeji alandygy barada habar berdi.

«Dollar Tree» kompaniýasynyň söwdalary 2022-nji ýylyň üçünji çärýeginde 18% ýokarlanyp, ABŞ-nyň 6,80 milliard dollary möçberine barabar boldy.

## Üstünligiň taglymaty

# «Ferrarisini» satan keşiş

Arzuwlaryň amala aşmagy we ykbal peşgeşine eýe bolmak hakynda hekaýat



Robin Şarma






Terjime eden: **Orazmyrat MYRADOW**

*(Başlangyjy gazetimiziň geçen sanlarynda).*

## Onunjy bölüm. Tertip-düzgüniň güýji

Julian bilen ylalaşman biljek däldim. Elbetde, meniň bu babatda zeýrenmäge hakym ýokdy. Ajaýyp maşgalam, amatly öýüm-ojagym, güzeran aýlaýan işim bardy. Emma men, hakykatdan hem, azatlyga, garaşsyzlyga ýetenligimi aýdyp biljek däldim. Peýjerim sag golumyň bile biten synasy ýaly bir zada öwrülipdi. Hemişe alňasak halda ylgap ýördüm. Jenni bilen oturyp, ýürekdeş gürrüň etmäge hiç haçan hem ibaly wagtym bolmandy. Görnüp duran geljekde özüm üçin hem rahatja wagt aýyrmak, Bostonyň marafon ylgawynda ýeňiş gazanmak ýaly ynanylmaz zat bolup görünýärdi. Bu barada oýlandygymça, ýaşlykda hem hakyky, çäklendirilmedik erkinligiň dadyny duýmanlygym barada netijä gelýärdim. Hakykatdan hem, aňlamazdan edilen hereketlerimiň guly bolan bolsam gerek. Hemişe-de kimdir biriniň nähili hereket etmelidigimi aýdyşyna görä bolan ekenim.

— Erk güýjümi terbiýelemek maňa has uly erkinligi, garaşsyzlygy berip bilermi?

— Erkinlik öýe meňzeş: sen ony aýry-aýry kerpiçlerden bina edersiň. Ilkinji goýjak kerpijiň erk güýjüdir. Ine, şu aýratynlyk hem seni her bir pursatda dogry bolanyny berjaý etmäge ruhlandyrar. Bu saňa edermenlik bilen hereket etmäge gaýrat berer. Bu saňa häzirki durmuşyň bilen oňňut etmäge däl-de, göz öňüňe getirýän durmuşyňda ýaşamak üçin mümkinçilik berer.

Julian özüňde tertip-düzgüni terbiýeläp bilmegiň iş ýüzünde getirjek başga-da birnäçe peýdalary barada aýtdy.

— Ha, ynan, ha, ynanma, erk güýjüni özüňde kemala getirmegiň seni biynjalyk bolmak endigiňden saplar, saglygyňy berkider hem-de pikir edişiňdenem has köp energiýa bagyşlar. Bilýäňmi näme, Jon, özüňe erk edip bilmek, hakykatda aňyňa-akylyňa ygtyýar etmekdir. Erklilik akyl güýçleriniň ähliSiniň şasydyr. Akylyňa-aňyňa hojaýyn bolup bilseň, ömrüňe-de hojaýyn bolup bilersiň. Akyl-paýhasyňa aga bolmagy başarmak kelläňe gelýän her bir pikire erk edip bilmek bilen başlanýar. Ýaramaz pikirleriň baryny çetleşdirip, diňe oňyn hem gowy pikirlerde ünsüňi jemlemek başarnygyny özüňde kemala getirseň, munuň yzy bilen oňyn hem gowy hereketlerem hökman geler. Tizara sen oňyn hem gowy zatlaryň baryny öz durmuşyňa çekmäge başlarsyň.

Ynha, saňa bir mysal. Aýdaly, seniň şahsy ösüş bilen bagly maksatlaryň biri her gün irden sagat 6-da oýanmakdan we öýüň golaýyndaky seýilgähde ylgamakdan ybarat. Häzir gyşyň ortasymyş diýeli, gurup goýan sagadyň seni çuňňur, rahat ukyňdan oýarýar. Ilki gelip-geçýän hyýalyň jyrlaýan sagadyň sesini sem edip, arkaýyn ýatmak. Türgenleşiş bilen bagly gelen kararyňa ertirden başlap girişseňem bolar ahbetin. Ine, şu ýagdaý öňküje ýol-ýörelgäňi üýtgederden gartaşanlygyň hem-de beden maşklarynyň saňa per berjek zat däldigi barada netijä gelýänçäň birnäçe gün dowam eder.

— Sen maňa juda belet ekeniň — diýip, halys ýüregimden aýtdym.

— Indi, gel, başgarak bir ssenariniň pikirini edip göreli. Henizem gyş paslynyň ortasymyşyn. Jaňly sagadyň jyrlaýar, sen ýorgandan çykman, ýene biraz ýatmak hakda oýlanýaň. Emma endikleriň bendisi bolmaga derek, has kuwwatly pikirleri olaryň garşysyna goýýaň. Beden taýdan gujurlylygyň çürbaşyna çykanyňda, nähili görünjekligiňi, özüňi nähili duýjaklygyňy we nähili hereket etjekligiňi aňyňda janlandyrmaga başlaýaň. Iş ýeriňde gezim edýärkäň, işdeşleriň berdaşly hem syratly bedeniňe bakyp, aýdýan öwgüli sözlerini eşidýäň. Yzygiderli türgenleşigiň özüňe bagyşlan energiýasy bilen ýetip biljek derejeleriňde ünsüňi jemleýäň. Kazyýetdäki uzynly günki argynlykdan soň, başga hiç zada ýaramaýanlygyň üçin, gijeleriňi telewizora aňalyp ötürmegiňi bes edersiň. Günleriň janlylyk, joşgunlylyk hem many-mazmun bilen doly bolar.

— Aýdaly, men şeýle hem edipdirin, ýöne şonda-da daşaryk çykyp, ylgamaga höwesim bolman, ýaňadan ýorganyma sümlüp ýatasym gelse, näme?

— Başky birnäçe gün kynrak düşer, öňküje öwrenen endikleriňe dolanasyň geler durar. Ýöne Ýogi Raman bir müdimi ýörelgä aýratyn berk ynanýardy: *gowulyk hemişe erbetlikden üstün çykýandyr.* Şonuň üçinem eger sen ýyllarboýy aňyňa aralaşan bolgusyz pikirlere garşy göreşmegiňi dowam etseň, ahyry olar edil çagyrylmadyk, halanmaýan myhmanlar ýaly bolup, seni terk edip giderler.

— Sen pikirleriň hem maddy zatdygyny aýtmakçy bolýaňmy?

— Hawa, galyberse-de, olar dolulygyna seniň ygtyýaryňdadyr. Ýaramaz zatlaryň pikirini etmegiň kyn bolmaýşy ýaly, gowy zatlaryň pikirini etmek hem aňsatdyr.

— Beýle bolsa, munça adamyň aladadyr endişä gaplanyp, dünýädäki ýaramaz maglumatlaryň barynda üns jemläp ýörmekleriniň sebäbi nämede?

— Munuň sebäbi olaryň özlerine erk etmek sungatyny hem tertip-düzgünli pikirlenmegi öwrenmändiklerinde. Gürleşip gören adamlarymyň aglabasy her bir günüň her bir minutynyň her bir sekundynda kellelerine gelip-geçýän her bir pikire ygtyýar etmäge güýçleriniň ýetjekligini gümanam edenoklar. Olar pikirleri öz-özünden geläýýän zatdyr öýdýärler, şonuň ýaly-da pikirlerine ygtyýar etmegi öwrenmek üçin wagt tapyp bilmeseler, şol pikirleriň özlerini dolandyryp başlajaklygyna akyllary hem ýetenok. Diňe gowy pikirlerde ünsüňi jemlemäge başlasaň, erk güýjüňe daýanyp, ýaramaz pikirleri inkär etseň, men saňa söz berýän: olar bahym süllerip gurar-da, ýok bolup gider.

— Diýmek, ir oýanmakda, azrak iýmekde, köp okamakda, az alada etmekde, has sabyr-takatly we has mähir-mylakatly bolmakda zerur bolan içki güýje eýe bolmak islesem, etmeli işim pikirlerimi saplamak üçin erk güýjüme basym bermekden ybaratmy?

— Pikirleriňe ygtyýar etseň, akylyňa-aňyňa-da ygtyýar edýänsiň. Aňyňa-akylyňa ygtyýar etseň, ömrüňe-de ygtyýar edýänsiň. Ömrüňe dolulygyna ygtyýar etmegi başarýan derejä ýeteniňde bolsa, sen öz ykbalyň hakyky hojaýynyna öwrülersiň.

Maňa bulary eşitmek zerurdy. Ruhuňy göteriji bu täsin gijäniň dowamynda, ýoga öwrülen öňki gyzma aklawçyny müňkürlik bilen içgin öwrenýän hukukçy halymdan uzak ýyllardan soň gözi açylan, oňa ýüregi bilen ynanýan kişä dönüpdim. Bularyň baryny Jenniniň hem eşitmegini isleýärdim. Umuman-a, çagalarymyň hem bu dana pentlerden paýlaryny almagyny islärdim. Munuň özüme täsir edişi ýaly, olara-da täsirini ýetirjekligini bilýärdim. Hemişe-de iň gowy maşgalabaşy bolmak höwesi göwnümde bardy, dokuzy düzüw durmuşda ýaşamak isleýärdim. Ýöne elmydama ýetişiksiz gara gündedim, şol döwürlerimi soňa goýup bolmaz derejede wajyp bolup görnen owunjak zatlara gümra bolup ötüren ekenim. Belki, bu gowşaklyk, özüňe erkiň ýetmezligi bolandyr. Agaçlaryň aňrysyndaky tokaýy görmäge ukypsyzlykdyr, mümkin. Ömür şeýle bir tiz geçýärdi. Dek düýnem hukuk fakultetiniň hyjuwdyr hyruja eýlenen ýaş talyby ýalydym. Şol döwürler syýasy işgär ýa-da hatda ýokary kazyýetiň agzasy bolmagy arzuw ederdim. Emma wagt geçdigiçe gündelik iş-aladalaryň hysyrdysyna ulaşyp galyberdim. Tekepbir aklawçy bolan halatlary hem Julian maňa «özüňden öte göwnühoş bolmagyň adamy heläk edýänligini» aýdardy. Bu barada näçe köp oýlansam, «açlyk duýgymy» ýitirenligime şonça-da gowy düşünýärdim. Bu has uly öýe ýa has ýyndam ulaga bolan «açlyk duýgusy» däldi. Bu köküni has çuňa urýan islegdi: has manyly, has bagtyýar hem has joşgunly ýaşamaga bolan «açlyk duýgusydy».

Julian gürrüňini dowam edýärkä men oýalykdaky düýşlere batdym. Onuň nämäler aýdýanlygyndan bütinleý üzňe halda, ilki özümi elli ýaşly, soňra altmyş ýaşly gartaşan adam hökmünde göz öňüme getirdim. Şol ýaşdakam hem şu işimde bolup, şu adamlar bilen uçraşyp, şu wagtky meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolarmykam? Bu ýagdaý sebäpli haýykdym. Hemişe bu dünýä özümiň nähilidir bir goşandymy goşmak isleýärdim, häzir munuň eýgertmeýänligini görüp durdum. Özümdäki özgeriş şu petiş iýul gijesinde, Julianyň ýanynda, myhman otagymda ýerde oturan çagymda bolup geçen bolmaly. Ýaponlar *duýdansyz haldaky oýanyşy* alamatlandyrýan bu ýagdaýy *satori* sözi bilen aňladýarlar, ine, mende bolup geçen hal hut şudy. Men arzuwlarymy hasyl etmek we durmuşymy häzirkisinden ähmiýetli hala ýetirmek barada karara geldim.

Bu meniň hakyky azatlygyň tagamyny ilkinji gezek duýup görşüm boldy, ol azatlyk öz durmuşyňy hem-de oňa dahylly bolan ýagdaýlaryň baryny ymykly eliňe almak barada üýtgewsiz netijä geleniňde peýda bolýar.

— Men saňa erk güýjüni kemala getirmek üçin bir formula bereýin — diýdi Julian. Meniň ýap-ýaňy içki dünýämde başdan geçiren özgerişligimden onuň habary ýokdy. — Ulanmak üçin zerur bolan jaýdar gurallar bolmasa, paýhas paýhas däldir.

Soňra ol sözüni dowam etdi:

— Her gün işe barýarkaň ýolda birnäçe ýönekeýje sözleri gaýtalamagyňy islärdim.

— Bu hälki aýdan mantralaryňdan birimi? — diýip soradym.

— Hawa. Bu bäş müň ýyldan gowrak wagt bäri bar bolan mantralardan biri, şeýle-de bolsa, mundan diňe Siwanadaky keşişleriň kiçijek topary habarly. Ýogi Raman muny gaýtalamak bilen, gysga wagt içinde özümde ygtyýarlylygy hem synmaz erki kemala getirip biljekligimi aýdypdy. Ýadyňda bolsun, sözler ymgyr uly täsire eýedir. Sözler — güýjüň kelemä salnan ruhy halydyr. Aňyňy umyt sözleri bilen doldurup, umyda eýe bolarsyň. Aňyňy ýagşylyk sözleri bilen doldurup, ýagşy bolarsyň. Aňyňy mertlik hakdaky pikirler bilen doldurup, dogumly bolarsyň. Sözler güýje eýedir — diýip, Julian nygtady.

— Bolýar, iki gulagym sende.

— Bu mantrany her gün, azyndan, otuz gezek gaýtalamagyňy islärdim: «*Men görnüşimden has artykdyryn, dünýäniň tutuş güýji-kuwwaty meniň süňňümde jemlenen*». Bu seniň durmuşyňda düýpli özgerişleri döreder. Netijeleriniň has tizleşmegi üçin, bu mantrany öň aýdan bir zadym — hyýaly göz öňüne getiriş ýörelgesi bilen utgaşdyr. Meselem, ümsümje bir künjege çekil. Gözüňi ýumup otur. Akylyň alakjamagyna ýol berme. Bedeniňde-de gymyldy-hereket bolmasyn, sebäbi aň gowşaklygyny görkezýän iň belli alamat dynç halda bolup bilmeýän bedendir. Onsoň mantrany sesli gaýtala, soňra yzly-yzyna gaýtalaber. Muny ýerine ýetirýän çagyňda-da özüňi tertip-düzgünli, aňyna-akylyna, bedenine hem ruhuna dolulygyna erk edip bilýän dogumly, edenli kişi hökmünde göz öňüňe getir. Kyn pursatlarda Gandi ýa-da Tereza ene özüni nähili alyp baran bolsalar, sen özüňi şolar ýaly alyp barýanlygyňy hyýalyňda janlandyr. Hökman haýran galdyryjy netijeleri gazanarsyň — diýip, ol söz berdi.

Dowamy indiki sanymyzda...

ЖИЗНЬ ЗАМЕЧАТЕЛЬНЫХ ЛЮДЕЙ

# ОСНОВАТЕЛЬ ПЕРВОЙ ШКОЛЫ ЭКОНОМИСТОВ


Франсуа Кенэ

Экономика, придворный врач, физиократия. Что объединяет эти три слова? Правильно, ответ: Франсуа Кэне. Франсуа Кенэ — признанный лидер и основоположник школы физиократов — специфического течения в рамках классической политической экономии.

Познакомимся с его краткой биографией. Кенэ родился в 1694 году недалеко от Версаля, в семье бедного крестьянина. Всего в большой крестьянской семье было 13 детей. Они жили тяжело и трудно, но к 12 годам любопытный Франсуа всё-таки смог научиться читать и писать. Когда Кенэ был еще очень молод, он заинтересовался медициной. В 1710 году его приняли в столичную медицинскую школу, которую он с успехом окончил за два года. Успешная практика сделала его популярным среди самых разных классов — от аристократии до сельской бедноты. Позже это увлечение принесло ему известность. Помимо врачебной практики, он также занимался научной деятельностью в этой области и опубликовал несколько работ, которые еще больше укрепили его славу талантливого врача. В 1752 г. он стал врачом Людовика XV, получил дворянский титул и переехал в Версальский дворец. Здесь он часто собирал философов, писателей-просветителей: Дидро, Гельвеция, Тюрго, Мирабо.

Интересно что, как экономист Кенэ сформировался в конце 50-х годов XVIII века, когда ему было уже под 60. Но, как говорится, никогда не поздно. Его первые работы были опубликованы у Дидро в его «Энциклопедии» и были посвящены фермерскому хозяйству и ценам на хлеб. Постепенно его теорией проникалось всё больше видных деятелей того времени, которые сформировали личный круг учеников и последователей, получивших в дальнейшем название «физиократов». Физиократия (в переводе с греческого означает «господство природы») — экономическая школа XVIII века, представители которой считали сельское хозяйство основой экономики. Физиократы были поистине первой настоящей научной экономической школой, которую возглавил Франсуа Кенэ.

В основу общественной организации Кенэ кладет разделение общества на три класса. Ф.Кенэ утверждал, что «нация состоит из трех классов граждан: класса производительного, класса собственников и класса бесплодного». К производительному классу он относил всех людей, занятых в сельском хозяйстве, включая крестьян и фермеров; к классу собственников — землевладельцев, включая короля и духовенство; к бесплодному классу — всех граждан вне земледелия, т.е. в промышленности, торговле и другие отраслях сферы услуг. На основании этого разделения Кенэ создал оригинальный производственный цикл, в течение которого происходит взаимодействие всех классовых представителей. Фактически в своём анализе он воспользовался хирургической методикой и представил организацию работы общества аналогично человеческому организму. И даже экономист Адам Смит, являющийся основателем классической политэкономии, высоко оценил идеи Кенэ в своей книге «Богатство народов».

В 1773 году Кенэ издал свои последний труд: «Recherches Philosophiques sur l'Evidence des Vérités Geometriques» («Философские исследования доказательства геометрических истин»), в котором пытался найти квадратуру круга. Ученики Кенэ усмотрели в появлении этого труда признак упадка его умственных способностей. В это же время у Кенэ была отнята должность придворного врача. Кенэ умер в возрасте 80 лет, потеряв должность придворного медика, влияние в обществе и львиную долю своего состояния.

В конце статьи стоит отметить, что работы Франсуа Кенэ внесли огромный вклад в развитие экономической науки и послужили источником вдохновения для экономистов-классиков, которые опирались на его идеи воспроизводства общественного капитала и невмешательства государства в коммерческую деятельность. Его работы и сегодня продолжают использоваться экономистами всего мира как уникальный пример моделирования кругооборота расходов и доходов. Несмотря на то, что в некоторой степени предложенное им классовое разделение не является актуальным, сделанные выводы настолько универсальны, что могут быть применимы и к современному устройству общества.

**По данным интернет-источников подготовил специальный корреспондент газеты «Бизнес реклама».**

## Бизнес-гороскоп на неделю:

17 октября — 23 октября

Овен 21.03 - 19.04



Влияние планет будет дарить Овнам эмоциональную и внутреннюю гармонию, но стоит учесть, что сейчас эту гармонию очень легко нарушить, особенно в субботу и воскресенье. В сложных вопросах, касающихся денег или работы, астрологи советуют прислушиваться к советам окружающих или действовать исходя из опыта, но не рисковать и не доверять интуиции. Астрологическая ситуация располагает к исправлению прошлых ошибок, деловой активности, карьерному росту. С толку может сбить резкие замечания окружающих.

Телец 20.04 - 20.05



На этой неделе будет много мелких проблем, но Тельцы смогут пережить эти препятствия. Они преуспеют в работе и делах. Желательно не бояться коллективной работы и общения с людьми в целом. В сложные моменты Тельцов выручит пребывание дома. Чтобы родные стены были более приятными для принятия решений и работы, нужно в начале недели активировать зону богатства в доме. В начале недели планеты сделают Тельцов неуязвимыми к потоку негатива, но на выходных Венеры может сильно снизить их веру в себя.

Близнецы 21.05 - 21.06



Близнецам лучше начать экономить, причем не в субботу, а уже за пару дней до начала негативного периода. Крупные покупки сейчас не к месту. Неприятности ожидаются у многих представителей Знака, которые заняты в сферах, где требуется выражать себя через слова и общение. Хитростью богатства сейчас точно не добиться, поэтому лучше выбирать гуманные методы — они могут не принести много денег, но зато сохранят статус и авторитет. Вернуть прежнюю мотивацию Близнецам помогут специальные цитаты, о которых мы рассказывали ранее.

Рак 22.06 - 22.07



Мягкое убеждение и логические аргументы — вот ключ к успеху в деловой сфере, особенно на выходных. Ракам, как и Близнецам, ни в коем случае, нельзя нарушать правила хорошего тона. Важно также выполнять обязанности и следовать установленным регламентам, а также пользоваться заговорами на работу. В рабочей сфере и бизнесе это станет гарантией стабильности. Покупки сейчас лучше совершать только в том случае, если есть необходимость.

Лев 23.07 - 22.08



Все, чем негативная Венера сможет помешать Львам — это лишить их части энергии и сил. В финансовой сфере, скорее всего, будет все без изменений. Главное — сохранять хорошее настроение и бороться с упрямством. Всем Львам, которые занимают высокие должности, желательно проявить свои лидерские качества. Если в эти семь дней придется настоять на своем, делать это желательно жестко, но без угроз. Менять условия работы уже не стоит.

Дева 23.08 - 22.09



Астрологи рекомендуют Девам провести эту неделю с людьми, которые могут оказать поддержку. Важно проявлять к ним внимание и заботу. Это все вернется Девам сторицей, но, возможно, не сейчас. Также стоит вспомнить о четырех важных причинах вставать раньше по утрам. Так у Дев будет больше времени, чтобы стать успешнее и выполнить все дела ровно в срок. Любые финансовые трудности будут преодолены благодаря трудолюбию и веры в себя. Можно совершать важные дорогостоящие приобретения и вкладывать средства в развитие бизнеса.

Весы 23.09 - 22.10



Если Весы затеяли какие-то сложные многоходовые проекты и дела, им следует приступить к их реализации в понедельник, пока влияние Венеры еще будет благоприятствовать финансовой активности. Важно помнить про приметы понедельника, чтобы ненароком не навлечь на себя проблемы в такую важную и непростую неделю. Добиться желаемого будет просто, но только до пятницы включительно. Главное сейчас – быть расчетливыми и действовать осторожно. Меркурий все еще оберегает Весов и их деньги.

Скорпион 23.10 - 21.11



Скорпионам на этой неделе астрологи рекомендуют правильно начинать каждый день. Утренние ритуалы на везение и успех будут очень полезными, особенно для Скорпионов, которые сейчас находятся не в самом удобном положении. Так или иначе, но многих людей этого Знака ждет отличный период в плане финансов. Представители Знака смогут получить прибавку к жалованию, удачно вложить деньги, найти приятную и легкую подработку. Не исключена материальная помощь со стороны близких. Будние дни станут периодом, удачным для крупных семейных покупок.

Стрелец 22.11 - 21.12



Стрельцам важно в период с 17 по 23 октября заниматься получением новых знаний и опыта. Для этого им понадобится мотивация и хорошая память. Улучшить память Стрельцам помогут специальные советы, талисманы и упражнения. Астрологи сообщают, что в этот период важно умение подстраиваться под быстро меняющиеся обстоятельства. Отсутствие психологической гибкости может привести к крупным проблемам с деньгами. Астрологи предлагают сконцентрировать свое внимание на будущем, отпустив мысли о прошлых неудачах.

Козерог 22.12 - 19.01



Козерогам стоит начать неделю с удаления цифрового мусора и уборки своего дома. Это поможет победить неуверенность и в целом поднять настроение. Козерогам сейчас нужно следить внимательнее за своими словами и мыслями, чтобы не навлекать на себя беду. В остальном неделя будет прекрасным периодом для личностного и профессионального роста, для открытия своего дела или продвижения по карьерной лестнице. Главное – искать обходные пути и не проявлять агрессии. Мягкость и дипломатичность станут гарантами стабильности и успеха в деловом общении.

Водолей 20.01 - 18.02



Из главных опасностей данного периода для Водолеев можно выделить повышенную конкуренцию. Не стоит ввязываться в сомнительные сделки, поддаваться импульсу и доверять малознакомым людям. Окружающие могут легко пойти на обман ради выгоды. Также Водолеям стоит попридержать свой азарт и научиться избегать тесного контакта с теми, кто этот азарт в них формирует. Если вдруг в финансовой сфере уже наступила черная полоса, нужно принять меры по избавлению от проблем.

Рыбы 19.02 - 20.03



Деньги любят инициативных и активных Рыб. Именно поэтому астрологи рекомендуют представителям данного Знака пользоваться медитацией на призыв энергии, а также почаще общаться с людьми, которые формируют приятные мысли. Астрологи советуют как можно больше мечтать, и тогда финансовые победы не заставят себя долго ждать. Влияние Венеры в конце недели может лишить Рыб мотивации и уверенности в себе. Энергия и силы будут стремительно покидать представителей Знака, поэтому на выходных лучше как следует отдохнуть и не позволять себе нервничать.

17 октября 1604 года — немецкий астроном Иоганн Кеплер начал наблюдение сверхновой звезды (SN 1604), названной впоследствии его именем.

17 октября 1831 года — Майкл Фарадей произвёл первое успешное испытание электрического динамо, открыв электромагнитную индукцию.

## Dünýä täzelikleri

# Türkiýäniň goňşy ýurtlara eksporty ýylyň başyndan bäri, ABŞ-nyň 17,4 milliard dollaryndan geçdi



Türkiýäniň Bolgariýa, Eýrana, Yraga, Gruziýa, Siriýa we Gresiýa 2022-nji ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda eksporty 2021-nji ýylyň dokuz aýy bilen deňeşdirilende, 20,2% ýokarlanyp, ABŞ-nyň 17 milliard 432 million 205 müň dollaryna barabar boldy. Geçen ýylyň ilkinji dokuz aýynda Türkiýäniň ady agzalan goňşy ýurtlara eksporty 14 milliard 501 million 334 müň dollar bolupdy. Şu ýylyň dokuz aýynda goňşy ýurtlaryň arasynda türk önümleriniň iň köp eksporty Yragyň paýyna düşdi. Ol görkeziji ABŞ-nyň 7 milliard 507 million 983 müň dollaryna deň boldy. Ondan soň Bolgariýa (ABŞ-nyň 3 milliard 428 million 281 müň dollary), Gresiýa (ABŞ-nyň 2 milliard 169 million 207 müň dollary), Eýran (ABŞ-nyň 1 milliard 765 million 441 müň dollary), Gruziýa (ABŞ-nyň 1 milliard 489 million 386 müň dollary) we Siriýa (ABŞ-nyň 1 milliard 71 million 904 müň dollary) ýaly ýurtlar gelýär.

Bu maglumatlar barada «Anadolu» habarlar gullugy Türkiýäniň Söwda ministrligine we Türkiýanyň eksportçylar assambleýasyna (TİM) salgylanyp habar berýär.

# Halkara söwda merkezi gurlar

Taslamanyň amala aşyrylmagy netijesinde, Özbegistan bilen Owganystanyň arasyndaky haryt dolanyşygy 1 milliard dollardan geçer diýlip çaklanylýar. 14-nji oktýabrda Özbegistan Respublikasynyň Maýa goýumlar we daşary söwda ministrliginiň işewürleri Termez Halkara söwda merkezini gurmak boýunça taýýarlanan taslama bilen tanyşdyrdylar. Bu barada ministrligiň habarlar gullugy mälim etdi. Tanyşdyrylyş dabarasyna 600-e golaý uly kompaniýalar – önüm öndürijiler we eksportçylar, şeýle-de döwlet edaralarynyň, banklaryň wekilleri çagyryldy. Bulardan başga-da, Özbegistanda işleýän owganystanly işewürler gatnaşdylar. Tanyşdyrylyş dabarasynda Termez Halkara söwda merkezine maýa goýumlaryny çekmek, söwda dolanyşygyny ýokarlandyrmagyň mümkinçilikleri, özbek-owgan söwda gatnaşyklarynda erkin söwda barada giňişleýin gürrüň edildi.

Bu Halkara söwda merkezinde daşary ýurtlularyň bölek we lomaý söwda etmegi üçin 10 günläp wizasyz bolmaga rugsat berler. Termez Halkara söwda merkezinde daşary ýurtly söwdagärler söwda nokatlaryny satyn alyp ýa-da 4-5 aýlap mugt ulanyp bilerler.

Halkara söwda merkeziniň myhmanlary üçin dynç almaga-da oňaýly şertleri döretmek göz öňünde tutulýar. Erkin söwda zolagynyň çäginde lukmançylyk merkezli, 300 orunlyk,



4 ýyldyzly myhmanhana-da gurmak meýilleşdirilýär. HSM-de 1800 sany söwda nokady bolar. Dörediljek söwda zolagy owgan bazaryny gündelik zerur harytlar bilen 90% üpjün etmäge ýardam berer. Termezde gurulmaly Halkara söwda merkeziniň taslamasy 2021-nji ýylyň iýun aýynda Özbegistanyň Prezidentiniň dykgatyna hödürlenipdi. Hasaplamalara görä, onuň ýyllyk dolanyşygy ABŞ-nyň 500 million dollaryna, hyzmatlardan geljek girdeji bolsa ABŞ-nyň 10 million dollaryna barabar bolar diýlip çaklanylýar.

**Ogulşeker ÝUSUPOWA,**
Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşygynyň Lebap welaýat birleşmesiniň esasy hünärmeni.

# Ilon Mask «Çirkizilen saç» parfýumyny satýar

Amerikaly milliarder Ilon Mask «Burnt Hair» («Çirkizilen saç») atly parfýumynyň satuwyny ýola goýdy. Bu parfýumy Ilon Maskyň «Boring» kompaniýasynyň saýtyndan her gabyny ABŞ-nyň 100 dollaryndan satyn almak mümkin. «Tesla» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Ilon Mask twitterdäki sahypasyndaky ýazgysyny «Parfýumeriýa satyjysy» diýip üýtgetdi.

Mask twitterde eýýäm bu parfýumdan 20 müň gaby satyp, 2 million dollarlyk söwda edendigini ýazýar.

«Burnt Hair» parfýumyny satyn alanlara indiki ýyl eltip berler. Milliarder «Boring» kompaniýasynyň bu parfýum önümi erkek kişileriň köpçülikden saýlanmagyna kömek eder diýip belleýär. Şeýle-de degşip, öz familiýasyny (iňlisçe Musk) terjime edilende, «müşk» diýen many berýändigini nazara alyp, «Men näme üçin şunça wagtlap garşy boldumkam? Parfýum söwdasyna öňräk baş goşmaly ekenim» diýýär.

Ol geçen hepde däl-de, ondan aňyrky hepdede «Twitter»-iň ýolbaşçylaryna ABŞ-nyň 44 milliard dollaryna söwdalaşmagy teklip edip, hat ýollapdy. Geçen hepdäniň çarşenbe güni bolsa, ol twitter sahypasynda «Haýyş edýärin, «Twitter»-i satyn almagym üçin meniň parfýumymy satyn alyň» diýip ýazdy. Bu barada «New Retail» habar berýär.








# «SpaceX» ilkinji älem syýahatçysyny Aýa uçurar

Ilon Maskyň kompaniýasy ilkinji älem syýahatçysy Dennis Titony ýakyn wagtda ýene äleme uçurmakçy bolýar. Bu barada «Forbes» habar berdi.

2001-nji ýylda taryhda ilkinji älem syýahatçysy bolan milliarder ýene äleme dolanmakçy bolýar. «SpaceX» kompaniýasy Dennis Tito we onuň aýaly Akiko «Starship» älem uçary bilen Ýeriň hemrasynyň daş-töweregine aýlamagy meýilleşdirýär. Uçuşyň takyk senesi entek belli däl, ýöne onuň şu ýyl amala aşyrylmagy mümkin diýlip aýdylýar.

Şeýle hem kompaniýa Aýa uçjak gämide ýene 10 ýolagçynyň boljakdygy barada aýtdy. Bu barada «BELTA» habar berýär.

# Eýranyň nebit girdejisi sekiz esse ýokarlandy

Eýranyň hökümetiniň penşenbe güni çap eden resmi hasabatyna laýyklykda, 22-nji awgusta çenli bäş aýda Eýranyň nebitden alan girdejisiniň geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde, sekiz esse artandygy barada aýdylýar diýlip, «Trend» Eýranyň «Irna» habarlar gullugyna salgylanyp ýazýar. Şeýle-de hasabatda Eýranyň nebit däl ulgamynyň hem ykdysady ösüşiniň 2022-nji ýylyň ýazynda 2021-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde, 4,3% ösendigi görkezilýär.

# Gazagystan Türkiýe bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär

Bu barada Gazagystan Respublikasynyň oba hojalyk ministri Erbolb Karaşukeýew Türkiýäniň Oba hojalyk we tokaý hojalyk ministrliginiň Ekin önümçiligi edarasynyň baş direktory Mehmet Hasdemir bilen bolan duşuşygynda aýtdy.

2022-nji ýylyň ilkinji 7 aýynda Gazagystan bilen Türkiýäniň arasynda oba hojalyk önümleriniň dolanyşygynyň ABŞ-nyň 177,3 million dollaryna barabar bolandygyny bellemek gerek. Bu görkeziji 2021-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 77,6% köpdür. Gazagystan Türkiýä, esasan, ösümlik ýagyny, bugdaý we beýleki oba hojalyk önümlerini eksport edýär. Türkiýeden bolsa günebakar tohumyny we konditer önümlerini satyn alýar.



**Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan Çörekliýew Azadyň adyna resmileşdirilen A0448462 belgili Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportynyň ýitendigini sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.**

Sahypany taýýarlan: «Biznes reklama» gazetiniň öz habarçysy.

## Mahabat

# «Abadan» önümçilik kärhanasy dürli görnüşli önümlerini hödürleýär!

www.aok.com.tm




Habarlaşmak üçin: +(993)12 25-43-02, +(993)12 25-43-04

**Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň «Abadan» önümçilik kärhanasy dürli mürepbeleri, ýerli miwelerden taýýarlanylýan dürli görnüşli içgileri, arassa suwlary, konserwirlenen önümleri, pomidor goýultmasyny, püreleri, konditer önümlerini lomaý bahalardan hödürleýär.**

## «TÜRKMENETSÜÝTSÖWDA» DÖWLET LOMAÝ-BÖLEK SÖWDA FIRMASYNYŇ

# «MARAL» RESTORANY




**Paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary! Tebigatyň gözel ýerinde ýerleşýän «Maral» restoranynda dynç almak, wagtyňy hoş geçirmek we dagyň jana şypaly arassa howasyndan dem almak üçin ähli şertler döredilendir. Gökdere jülgesinde ýerleşýän 200 orunlyk bu restoranda şanly seneleri, toýlary bellemek üçin ýokary derejede hyzmatlar ýerine ýetirilýär. Restoran türkmen milli aýdym-sazlarynyň janly ýerine ýetirilişini, dürli görnüşli taýýarlanan tagamlary size hödürleýär!**

**Salgysy: Aşgabat ş., Büzmeýin etrabynyň Gökdere jülgesi.**
**Tel: +993 12 92-15-93.**
**Faks: +993 12 92-15-96.**

Möçberi 16 sahypa | Formaty A3 | A-110341 | Indeksi 69493 | Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar | Bahasy 2 manat 50 teňňe | 5578 tiraž.

Biznes reklama
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

BAŞ REDAKTOR
Seýitmyrat GELDIÝEW

HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:
Işgärler bölümi: 23-77-93; Buhgalteriýa: 23-77-92;
Mahabat bölümi: 23-77-96; Jogapkär kätip: 23-77-95.
E.poçtalar: biznes.reklama@list.ru; biznes.reklama.newspaper@gmail.com
web-saýtymyz: www.br.com.tm

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 593-nji jaýy.

BELLIK: Gazet Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. | Çap edilişiniň hiline Türkmen döwlet Neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi jogap berýär.